Halkymyzyň taryhyny öwrenmek, gorap saklamak, maddy we ruhy mirasyny dünýäde wagyz etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadyr. Bu işleriň durmuşa geçirilmeginde muzeýlere aýratyn orun degişlidir. Olar halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak milli mirasyny saklaýjylar hem-de ýurdumyzyň iri ylmy merkezleridir. Türkmen halkynyň müňýyllyklara uzaýan taryhy, özboluşly däp-dessurlary, häzirki döwürdäki ägirt uly gazananlary ýurdumyzyň baý muzeý gymmatlyklarynda öz beýanyny tapýar.

Täze taryhy döwürde milli medeniýetimiziň düýpli öwrenilmegi, aýawly saklanylmagy, geljek nesillere ýetirilmegi ugrunda zerur işler durmuşa geçirilýär. Muzeýlerde medeni gymmatlyklary ýüze çykarmak, toplamak, ylmy esasda öwrenmek we gorap saklamak, olary ilatyň arasynda wagyz etmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda döwlet muzeýleriniň işine sanly ulgamy ornaşdyrmak we ilata edilýän hyzmatlary kämilleşdirmek babatda giň gerimli işler amala aşyrylýar. Maglumat tehnologiýalary, emeli aň, kompýuterleriň mümkinçilikleri muzeý işini ösdürmekde täze gözýetimleri açýar. Gözleg işleriniň ýadawsyz alnyp barylmagy netijesinde, taryhy tapyndylar öz syrly täsinliklerini açýar. Çünki medeniýet adamzadyň ruhy dünýäsiniň özenini emele getirýär.

Gözelligiň we nepisligiň ykrar edilen nusgasy bolan türkmen halysy halkymyzyň gymmatly baýlygy hem buýsanjy, umumadamzat medeniýetiniň genji-hazynasyna goşan bahasyz goşandydyr. Haly diňe bir türkmeniň gadymdan gelýän däpleriniň kämil derejede ýüze çykmasy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, halkyň ýaşaýyş baradaky filosofiýasynyň çeperçilik taýdan “janlanmasydyr” hem. Ýeri gelende ýatlasak, Gahryman Arkadagymyzyň maşgalasy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň käbesi Ogulgerek Berdimuhamedowa Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýine Ogulabat ejäniň elinden çykan, nepisligiň nusgasyna öwrülen alajalary hem-de olary örmek üçin niýetlenen iş guralyny sowgat beripdi. Munuň özi türkmen zenanlarynyň asyrlaryň dowamynda döreden el işleriniň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändigini aýdyň mysalyna öwrüldi.

Diýarymyzyň çäginde diňe bir milli däl, eýsem, umumadamzat ähmiýetli taryhy-medeni gymmatlyklaryň köp sanlysy bar. Bahasyna ýetip bolmajak bu mirasy, taryhy-medeni ýadygärlikleri gorap saklamak, öwrenmek boýunça möhüm meseleleri çözmekde alnyp barylýan döwlet syýasaty abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi üçin oňyn şertleri üpjün edýär. Häzirki döwürde ýurdumyzyň muzeýleri däbe öwrülen milli gymmatlyklaryň aýawly saklanylýan ýeri bolmak bilen çäklenmän, eýsem, halkara medeni alyşmalar üçinem ajaýyp meýdançadyr.

Все права защищены

Hormatly Prezidentimiz bu ulgamyň möhüm meselelerine uly üns bermek bilen, jemgyýetiň ruhy ýagdaýynyň kemala getirilmeginde ähmiýetli orun eýeleýän medeni aň-bilim edaralarynyň işinde döredijilik gözleglerini alyp barmagyň, oýlanyşykly çözgütleriň wajypdygyny nygtaýar. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň, döwlet Baştutanymyzyň türkmen medeniýetiniň, sungatynyň özboluşlylygyna bagyşlanan çuň many-mazmunly eserleri aýratyn ähmiýete eýedir.

**Hanjar PARHADOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены